# Dolanmaryn

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dolanmaryn Hany, seniň söýgä wepaň,
Ýok, indi men dolanmaryn.
Bessir jeken jebri-jepam,
Ýok, men indi dolanmaryn.

Mähriň küýsäp gözlärdim men,
Adyň tutup sözlärdim men,
Sen dözseňem, dözmändim men,
Ýok, men indi dolanmaryn.

Çekip aýralygyň derdin,
Gül ýüzüm galmady ýerden,
Ýatlasaňam her gün, her dem,
Ýok, men indi dolanmaryn.

Geçdi indi o döwürler,
Sowuldy dumanly ümürler,
Sensizem geçip dur günler,
Ýok, men indi dolanmaryn.

Ýalbarma sen, olmaz haýry,
Indi biziň ýollar aýry,
Jogap ýokdur şundan gaýry,
Ýok, indi men dolanmaryn.

Myrat Ömür. Goşgular